# Klassisistleriň edebi-nazary pikirleri

Category: Edebiýaty öwreniş,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Klassisistleriň edebi-nazary pikirleri KLASSISISTLERIŇ EDEBI-NAZARY PIKIRLERI

Galkynyş döwründe şekillendiriş sungaty esasy orun tutan bolsa, Ýewropanyň birnäçe ýurtlarynda, aýratyn-da Fransiýada XVIII asyrda çeper edebiýat görnükli orny eýeläp başlaýar. Fransiýada çeper edebiýatyň ösmegi bilen birlikde edebi-nazary pikirlerde emele gelip başlaýar. Bu ugurda işlänleriň esasysy klassisizmiň nazaryýetçisi şahyr Nikola Bualo (1636–1711) bolupdyr. Ol özüniň «Poeziýa sungaty» (1674) atly poemasynda ilki bilen öz döwründäki şahyr, ýazyjy, dramaturglaryň gadymy grek we rim edebiýatynyň nusgalaryna öýkünip eser ýazmaklaryny, eserlerde üç birligiň – wagt, ýer, hereket birliginiň bolmagyny talap edýär.
Bualonyň beýle talaby öňe sürmegi-de ýöne ýerden däldir. Onuň döwründe Fransiýada absolýut monarhiýa ösýär. Öz erkiňe gitmeklik, täze inisiatiwa görkezmek ýaly zatlar berk ýazgarylypdyr. Lýudowik XIV monarhistik döwletine boýun bolmak, döwletiň öňünde borjuňy berjaý etmek her bir adamyň iň ýokary, gowy sypaty hasaplanypdyr. Bualo we beýleki klassisistler şu hili jemgyýetçilik şertlerinde şahsyýet bilen jemgyýetiň sazlaşygyny (garmoniýasyny) tapjak bolýarlar. Olar ol sazlaşygy şahsyýetiň monarhiýa garaşly bolmagyndan gözleýärler. Klassisistler şu hili pikirini beýan etmek üçin şertli formalary öňe sürüpdirler. Olar çeper döredijiligiň başga meselelerine-de şol pikirini esaslandyrmagy nazarda tutup çemeleşipdirler.
Bualonyň beýan etmegi boýunça hakykatdan daşarda gözellik ýok. Emma ol gözellik duýgy arkaly däl-de, paýhas arkaly aňlanmalydyr. Bualonyň bu garaýşy monarhiýa hyzmat edýän garaýyşdyr. Monarhiýanyň prinsipleriniň gözelligini adamlar

duýup biljek däl, şonuň üçin onuň gözelligini abstrakt paýhaslanma arkaly göz öňüňe getirmeli. Şeýle bolanda şahsyýet bilen monarhiýa sazlaşjak.

Klassisizmiň şertli düzgünlerine eýeren Rasin, Molýer ýaly ýazyjylaryň eserlerindäki gahrymanlaryň häsiýetleri Bualonyň talap edişi ýaly ösüş prosesinde görkezilmeýär. Onuň ýaly eserlerde gahrymanyň erbet ýa-da oňat häsiýetiniň nähili sebäbe görä we nähili ýagdaýlarda emele gelendigini suratlandyrmaklyga üns berilmeýär. Netijede-de häsiýet ýerden, şertden, wagtdan üzňeleşýär. Ol abstrakt häsiýete öwrülýär. Obraz döretmegiň munuň ýaly abstrakt – logiki usuly edebiýatyň öwredijilik, emosional täsir edijilik ähmiýetini kemeldýär, obrazyň çuňlugyny, ynandyryjylygyny gowşadýar.

Klassisistler korolyň, polkowodlaryň, görnükli aristokratlaryň we şuňa meňzeşleriň möhüm işlerde, ýagny döwleti dolandyrmakda, uruşda oýnaýan roluna has ýokary baha beripdirler we olary arşa çykarypdyrlar. Edebi eserleriň esasy gahrymanlary şolar bolupdyr. Halk köpçüligi edebi eserler-de meseläni çözmäge gatnaşýan gahryman bolup hereket etmändir.

Klassisistler halkyň roluny inkär etmek bilen öz eserlerini sýužetini taryhy konfliktler esasynda gurmak mümkinçiligini ýitiripdirler.

Klassisizmiň esasy düzgünleri şunuň ýaly bolsa-da, ol diniň täsirine ýugrulan feodal döwrüniň edebiýatyndaky mistiki düşünjelere uly zarba urýar. Bualonyň hristian mifologiýasyny sungatdan aýryp taşlamaly diýen pikiri bu meselede uly rol oýnaýar.

Klassisistler egoistik hyjuwlary ýok etmek, patriotizm, gahrymançylyk ýaly ideýalary öz eserlerinde propagandirläpdirler. Klassisizm tipiň harakteristikasynyň aýdyň berilmegi, eseriň kompozisiýasynyň gelşikli, diliniň düşnükli bolmagy ýaly zatlary ýazyjydan talap edipdir. Bu bolsa edebiýatyň çeper formasyny kämilleşdirmekde soňky döwürlerde-de möhüm ähmiýete eýe bolupdyr.

*Çeşmesi: Ö.Abdyllaýew. Edebiýat nazaryýeti. Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw gollanmasy. – Aşgabat: Türkmen döwlet*

*neşirýat gullugy, 2010.*
Edebiýaty öwreniş